# Ozan şahyr

Category: Edebi makalalar,Ertekiler,Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ozan şahyr OZAN ŞAHYR

Sözlüklerde ozan sözüne bagşy, öz goşgularyny özi labyz bilen okaýan diýen ýaly düşündirişler berilýär. Bu sözi XX asyryň birinji ýarymynda ýaşap geçen görnükli türkmen şahyry Durdy Gylyç hakynda sözüň doly manysynda ulanmak bolar.
Türkmenistanyň halk şahyry diýen ada döwletimizde ilkinjileriň biri bolup mynasyp bolan Durdy Gylyç ozan şahyr, bagşy hökmünde öz döwründe halkyň arasynda juda uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Onuň baran ýeri şowhundabara beslenipdir. Her bir çykyşy baran obasy üçin ýatdan çykmajak waka öwrülipdir.
Türkmen edebiýatynyň taryhynda görnükli orun tutan özüne çekiji, mylaýym ýumora ýugrulan eserleri bilen halkyň ýüreginde orun alan şahyr Watana hem halka wepaly hyzmat etmegiň ajaýyp nusgasyny görkezdi. Onuň geçen durmuş ýoluny yzarlasaňda, edebi mirasyna ser salsaňda hakyky watançynyň keşbi göz öňüňde janlanýar. Halklaryň dostlugyna bolan guwanç duýgusy, Watana bolan söýgi onuň bütin döredijiliginiňiçinden erişargaç bolup geçýär. Şahyryň watançylyk häsiýetli goşgulary şu günki günde hem belent ýaňlanýar.
Şahyryň hakyky ady Durdy bolsada ol atasynyň ady bilen bile tutulyp, Durdy Gylyç ady bilen meşhurlyk gazandy.
Halk şahyry Durdy Gylyjyň terjimehaly öz döwrüniň özi ýaly ýaşytdaşlaryndan kän bir tapawutlanmaýar. Ol 1886njy ýylda häzirki Görogly etrabynyň Bedirkent obasynda Gylyç pälwanyň maşgalasynda dogulýar. Ýaňy dil açypaçmanka mama keseline ýolugyp, gözleri batyl galan çaganyň durmuşyň öňünde müzzermän, gününi sanap ösmegi, gazaply döwrüň rehimsiz şarpygyny dadyp, ilki eneatadan, soňam dogangaryndaşlaryň hemmesinden diýen ýaly juda düşen ýigidiň terkidünýälige baş urman, durmuş äleminiň haýsy hem bolsa bir künjegine aýak basyp, öz ornuny eýelemek üçin bilegini çermäp, göreş ýoluna çykmagy geljekki meşhur şahyryň, ozanyň, bagşynyň özüniň

tutanýerliligiň hemde çydamlylygynyň nusga alarlyk alamaty bolsa gerek.
Durdy Gylyjyň guýmagursak zehininiň kemkemden taplanyp, şahyr hökmünde uly il tarapyndan ykrar edilmeginde halkymyzyň gadymyýýetden arkamaarka dowam edip gelýän söz hemde saz sungaty, şonuň ýalyda onuň hemişe ýaşuly adamlaryň gürrüňlerini, ertekilerini, aýtgylaryny diňlemegi aýgytlaýjy rol oýnaýar.
Ýigit çykan Durdynyň ýatkeşlikde diňe Bedirkentde däl, bütin Tagta etrabynda hem taýy bolmandyr. «Görogly» şadessanynyň bir şahasyny oňa şu gün okap ýada aýdyp berseň,olşonyislendikwagt onuň nokadyny hem üýtgetmän aýdyp berer eken. Takmynan 25 ýaşa ýetende Durdynyň gözüniň biri çalaja açylyp, ýörejek ýoluny saýgarýar. Durdy oglanlykdan saz bilen hem gyzygypdyr. Bu zatlaryň üstesinede ýakymly sesi hem bar eken. Şu üç alamat hem onuň geljekki ykba lynyň çözülmegine ýardam edipdir.
Ýigriminji asyryň başlarynda özüniň jadylaýjy senedi bilen bütin türkmeni aýdym sazy, dessanlary bilen bendi eden Pälwan bagşynyň şägirdi, gubadagly belli bagşy Gajar bagşy Bedirkende toýa gelende ak öýüň kölegesinde ýeke özi dutar çalyp oturan ýigidiň üstünden barypdyr. Durdy şol wagtlarýaňy sakgalmurty taban ýigit eken. Gajar bagşy atynyň başyny çekipdirde:
– Hany ýagşy ýigit, şol heňiňi ýene bir gezek gaýtala! – diýipdir. Durdy ýolagçynyň ýönekeý bir adam däldigini äheňinden aňyp:
– Size kim diýerler? – diýip sorapdyr.
– Meniň kimdigim bilen işiňbolmasyn, çal diýildimi, çalyber, men bütin Horezmi aýlanyp seniň ýaly bir juwan sazanda gözläp ýörün – diýipdir.
Durdy gara öýüň köneje gamyşyna arkasyny berip, ykjamlanyp oturypdyrda, sazanda atasyndan kakasyna, kakasyndanam özüne ýadygär galan köneje dutara dil bitirip, saýradyp başlapdyr. Gajar bagşy sazyň täsirine ýeňillik bilen atdan syrylyp düşüp:
– Berekella! Özüňä ýeser ekeniň, kimiň dogmasy bolarsyň? – diýipdir.
– Gylyç pälwanyň.
– Isfendiýar hanyň pälwanyny egnin den agdaryp ýere uran Gylyç

pälwanyň dogmasy diýsene.
— Hawa.
Gajar bagşy Gylyç pälwanyň aradan çykanyndan habarly ekeni. Şonuň üçin ol:
— Ýatan ýeri ýagty bolsun bendäniň, gowy adamdy. Adam çaky dagy däldi. Gylyç pälwanyň ogly bolsaň, ýüzüňi sallap oturmada, mün! —diýip, Gajar bagşy Durdyny atynyň syrtyna alyp, atyny göni Gubadaga baka sürüp gidiberipdir.
Durdy Gylyç Gajar bagşynyň ýanynda saz çalyp gezmek bilen, aňyrsy birki ýylyň dowamynda onuň toýlarda, meýlislerde aýdýan «Görogly» şadessanyny, «Şasenem Garyby», «Nejep oglany» we başgada bir näçe dessanlary öwrenipdir. Belli dessança mynasyp şägirt bolup, toýlarda berekella alypdyr.
Gajar bagşynyň täsin «edep mekde bini» geçip, il derdine ýarap başlamagy Durdy Gylyjyň ruhy älemine ganat bekle ýär. Ol dessanlaryň, aýratynda türkmen halk döredijiliginiň seresi «Göroglynyň» täsiri bilen özbaşdak döredijilik ýoluna gadam basyp ugraýar. Ol ýaşlygyndan örän zehinliligi, ýatkeşligi, dilewarlygy, alçak häsiýetleri bilen halkyň içinde özüni aldyrypdyr. Ol döwrüň kynçylyklaryna, zamanasynyň çylşyrymlylygyna garamazdan, türkmen obalaryna, ilatly ýerlere, gum içindäki obalara aýlanyp, hemişe halk bilen gatnaşykda bolupdyr. Onuň baran ýerine hemişe köp adam üýşüpdir. Ýeri gelende aýtsak Durdy Gylyç diňe bir şahyr bolman bagşy, ertekiçi, edebi mirasymyzy ýaýradyjy hökmündede tanalypdyr. Ol öz goşgulary, şorta sözleri, aýdymlary, dessanlary bilen ilgünüň göwnüni awlapdyr. Ilat arasynda bolanda öz goşgulary bilen bir hatarda, beýleki şahyrlaryň goşgularyny, halk dessanlary nyň käbirlerini üýtgeşik labyz bilen aýdyp beripdir. Durdy Gylyjyň obalara gelip çykyş etmegi ilgün üçin ýatdan çykmajak waka bolupdyr.
Şu ýerde öňki SSSRiň Ýazyjylar birleşmesiniň şol döwürdäki başlygy, belli ýazyjy
A.A.Fadeýewiň Durdy Gylyç şahyra «Edebiýatyň janly mirasy» diýip baha bermegi biziň ýokarda şahyr baradaky aýdanlarymyza doly güwä geçýär.
Şahyryň döredijiligi barada halypa ussadymyz, Türkmenistanyň

halk ýazyjysy Beki Seýtäkowyň ýatlamalaryndaky setirlere ýüzleneliň:
— Ol ýyllarda Tagtanyň obalary birbirinden uzakda oturýardy. Ol obalaryň aralarynda aňyrsyna göz ýetmeýän şorluk meýdanlar bolardy. Ine, şol şorluk meýdanlarda akeşekli, gyrmyzy donly, gara telpekli Durdy Gylyjy mydama görmek bolýardy. Ol eşegini ýuwaş sürüp, başyny aşak salyp, pikirlenip gezerdi. Ine, şol ýollarda onuň ölmezýitmez goşgulary döreýärdi. Ol «at çalt ýöreýär» diýip, at münmezdi. Mydama eşekli gezerdi. Häzir hem Tagta illerine baranymyzda şol şorluklarda Durdy Gylyç çykaýjak ýaly bolup dur. Durdy Gylyç edil çaga ýaly adamdy. Eli-aýagy ýekeje minut dek durmazdy. Dilide şeýledi. Göwnide şeýledi. Onuň göwnüni galdyrmak üçin ýada şat etmek üçin köp zat gerek bolmazdy. Men onuň şu gylygyny gaty gowy görýärin. Şeýle gylyk duýgusy güýçli adamlarda bolýar. Durdy Gylyç goşgy goşmagyň ussady bolmak bilen birhatarda, şorta sözleriňem ussadydy. Goşgy diňläp oturanlaryň arasynda käwagtlar oňa jogap gaýtarýanlar hem bolýardy. Şeýle adamlary şahyr şol wagtyň özünde gaýdyp geplemez ýaly ederdi. Onuň jogaplary mydama örän ýiti bolardy. Şonuň bilen bir hatarda onuň ýenede bir bellemelitarapybar. Şahyr sözde basylsada hezil edip gülerdi. Başga ýerler däki oturyşmalarda özüni ýeňen adamlaryň sözlerini hezil edipaýdyp bererdi. «Basdym» «Basyldym» sözleri goşgularyň arasy bilen uzakly gije ýaňlanar durardy. Bu ýeňlişikler onuň abraýyna çigit ýalyjak hem şikes ýetirmezdi. Gaýtam şahyryňabraýyny öňküden-de artdyrardy.
Şu makalany taýýarlap ýörkäm etrabyň şahyryň adyny göterýän daýhan birleşigi niň «Gara gulak» obasynda ýaşap geçen, birnäçe ýyllaryň dowamynda şahyryň kätibi bolup işlän Atak Kakabaýewiň maşgala arhiwini yzarladym. Şonda şu ýazgylaryň üstünden bardym.
«Men şahyr bilen 1948nji ýyldan başlap, üç ýyl töweregi ýoldaş boldum. Şonda oňa çäksiz hormat goýulýandygyna göz ýetirdim. Biz hemişe üç kişi bolup eşekli gezerdik. Nirä barsada, şahyry gadyrly garşylardylar. Onuň ýanyna hälişindi:
— «Şahyr, biziň ogul toýumyz bar, şony sowup beriň!», «Şahyr, pylan güni men oglumy öýlendirýän, şonuň bagşysy sen bolmaly».

«Şahyr, biziň obada baryp, gulaklarymyzyň posuny açyp gaýtsana!» diýip gelerdiler. Ol bolsa ýekeje gezegem «ýok» diýýän adam däldi. Onsoň biz çagyrylan ýere üç eşekli bolup giderdik. Ynha, ýol bilen gidip barýansyň welin, birden şahyr hiňlenipbaşlaýar. Birdenkäde, eşekden düşüp: «Atak, hany ýaz bakaly» diýýär. Onsoň menem eşekden düşüp, onuň aýdanlaryny ýazyp alardym. Şahyr juda ilhalar adamdy. Onuň mylaýym, şirin owazy bardy.
Bir gezek şeýle boldy. Şahyry Bedirkent obasyndaky bir toýa çagyrdylar. Öý eýesi başga bir bagşyny hem toýa çagy ran ekeni. Biz baranymyzda ortada bag şy joşup aýdym aýdýan ekeni. Şahyr bir çäýnek gök çaý içensoň, toýdaky märeke: «Indi şahyr aýdaýsa» diýişdiler. Bagşy mu ny ýokuş gördi. Bu ýagdaýy aňan şahyr: «Eger meni çynyňyz bilen diňlemekçi bolsaňyz, onda men hol beýleräkde aýdaýaryn» diýdi. Köpçüligem, öý eýesem muny makul bildi. Bagşynyň aýdyp oturan ýerinden üç ýüz metr çemesi daşlykda şahyr üçin ýörite düşek ýazyldy. Onsoň şahyr Magtymgulynyň, Mollanepesiň sözlerine aýdym aýdyp başlady. Ilki şahyryň töweregindäki märeke o diýen köp däldi. Ýöne şahyr näçe joşdugyça, märeke şonçada köpelip başlady. Köpçüligiň islegi boýunça ol öz goşgularynyň birnäçesini hem aýdym edip aýtdy.
Soňra şahyr «ZöhreTahyr» dessanyny aýdyp başlady. Şonda bagşynyň töwere ginde oturan adamlaryň köpüsi şahyryň töweregine geldi. Soňabaka bagşynyň töwereginde sanlyja adam galdy. Bagşy biraz aýdandan soň dutaryny gabyna salyp, töweregindäki adamlary hem alyp, şahyryň dessanyna gulak asdy. Şahyr dessany gutaranda jahan ýagtylyp ugrapdy.
Bagşy şahyra ýüzlenip: «Şahyr, men seniň zehiniňe baş egýärin. Berekella. Meniň senden säherçede öýkekinäm ýok. Sazsyz, diňe söz bilen, şirin owaz bilen märekäni töweregiňe üýşürmek her kime başartmaz» diýdi.
Halkyň arasyndan çykan, durmuşyň jümmüşinde gaýnan şahyryň döredijiliginiň esasy ugry halk, Watan, durmuş barada bolup, onuň goşgularynyň ählisi diýen ýaly biziň häzirki günlerimize doly gabat gelýär diýsek hem ýalňyşmasak gerek.
Sözümiz gury bolmaz ýaly, şahyryň «Biziň Türkmenistanda» atly

goşgusyndan setirlere ýüzleneliň:

*Dagy ýykýan batlar bar,*
*Biziň Türkmenistanda.*
*Ýyldyrym dek atlar bar,*
*Biziň Türkmenistanda.*

…Göreşjeň ýigitler bar
Biziň Türkmenistanda.

Şahyryň goşgusynyň ýokardaky setirlerinden görnüşi ýaly, ol biziň Türkmenistanda bar zatlary ýekänýekän sanap, şol baýlyklara bolan egsilmez ýürek joşgunyny uly hyruç bilen wasp edipdir. Döwlet Garaşsyzlygymyza eýe bolnandan soň, hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen halkymyz bu baýlyklaryň eşretinden doly peýdalanýarlar.
Şahyr öz döwrüniň ogludy. Ol öz gözýetiminiň belentliginden durmuşy wasp etdi. Onuň manyly ömri bu sözleriň hakykatdygynyň aýdyň subutnamasydyr. Gözleriniň görmän galandygyna garamazdan, onuň aňdüşünjesiniň aýdyň hem dury, gözýetiminiň giň bolandygyna bütin döredijiligi ýüze çykarýar.
Şahyryň «Ylym okalyň» diýen goşgusyndaky setirlerde:

*Okuw bir ýagşy kär bolar,*
*Ylym okanlar zor bolar,*
*Okamadyklar hor bolar,*
*Ylym okalyň, ýoldaşlar.*

Okuw adamzada syndyr,
Meniň aýdýanlarym çyndyr,
Okuwsyz ýaşamak kyndyr,
Ylym okalyň, ýoldaşlar.

Goşgy şu günki gündede öz ähmiýetini ýitirenok. Bu günki gün bilim ulgamyndaky beýik özgertmeler görlüpeşidilmedik derejelere ýetdi.
Ýurduň gülläp ösmegini bilim ulgamynyň kämilleşmeginde görýändigimiz üçin ýaş nesle bilim berlişiniň dünýä ülňülerine laýyk derejede bolmagyna aýratyn üns berýäris. Ýokary okuw

mekdeplerine kabul edilýän ýaşlaryň ýylýyldan artmagy, olara berilýän bilimiň hiliniň gowulandyrylmagy, türkmen ýaşlarynyň daşary ýurtlaryň belli ýokary okuw mekdeplerinde okamaga giň mümkinçilikleriň döremegi guwandyryjy wakadyr. Bu günki talyplaryň ertirki günde okgunly öňe barýan, dünýä jemgyýetçiligi bilen deň gadam urjak adamlar bolup ýetişjekdigi has buýsandyrýar.
Şahyr özüniň ýiti galamy, ötgür sözleri bilen ilaty zyýanly endiklerden goramak barada hem uly alada edipdir.
Şahyryň eserleri bilen giňden tanyşsaň, onuň syýasatdan, halkara ýagdaýyndan çuňňur habarly bolandygyny aňmak kyn däl. Muňa onuň Beýik Watançylyk urşunyň öňüsyrasyndaky döreden «Bolmaga», «Göwnüm» diýen goşgulary aýdyň mysal bolup biler.
Beýik Watançylyk urşy döwründe şahyryň poeziýasynyň halky duşmana garşy galkyndyrmakda, frontyň hem tylyň esgerlerini watançylyk ruhunda terbiýelemekde ähmiýeti ägirt uly bolupdyr. Ol uruş döwründe watançylyktaglymatlarynaýugru

äçe goşgulary döretdi. Muňa şahyryň «Gerekdir», «Gitmäge», «Ýöriň», «Iberiň ur şa», «Gitjek men», «Bökdemäň meni», «Ta pylar» ýaly goşgulary mysal bolup biler. Ol goşgularda ganym duşmany külpeýekun etmek hyjuwy bilen joşýan halkyň watan çylyk duýgulary iňňän täsirli görkezilýär.
Şu ýerde şahyryň «Bökdemäň meni» diýen goşgusynyň döreýiş taryhy barada Türkmenistanyň halk ýazyjysy Hangeldi Garabaýewiň «Kommunizm ýoly» gazetiniň 1986njy ýylyň 19njy dekabryndaky sanynda çykan «Şygyrlary şygara öwrülen şahyr» atly makalasyndaky setirlere ýüzleneliň:

«Uruş ýyllary Tagta raýispolkomynda işleýärkäm birsapar ol işgüni gutaryp barýan gabatlary ýanyma geldi. Saglykamanlyk soraşanymyzdan soň, men onuň habaryny alanymda, ol buýtar-suýtar edip oturman, gönüsinden geldi:
–Inim buýan köki halys irizdi!
Onuň diýjek bolýan zadyna düşünip, kyn-da bolsa ýarym kilo çaý kömegini etmeli boldum. Gyş aýlarynyň gysga güni tiz garaňky düşýäni üçin ony yzyna gaýtarmaga dözmedim. Myhman alyp,

bolşuna görä hezzetsylag etdim. Ýöne daňdan kimdir biriniň pyşyrdysy meni ukudan oýardy. Diňşirgensem, şahyryň owazy:
– Bol, tizräk ýaz, «Gözi ýok garry diýip bökdemäň meni».
Ertesi güni şahyryň täze eseri etrap gazetinde çap edildi. Onuň şol goşgusy tiz wagtyň içinde faşizme garşy göreşde halkymyzy beýik ýeňşe çagyrýan şygar boldy.
Dogrudanam, şahyryň uruş döwründäki watançylyk ruhuna ýugrulan joşgunly eserleri halka ruhygoldaw beriji şygar boldy. Sözümiz gury bolmaz ýaly, ýazyjy Gurbandurdy Gurbansähedowyň «Saýlanan eserleriniň» II tomlugynyň ikinji tomundakyşahyryň goşgulary bilen bagly, ýazyjynyň hut özüniň şaýat bolan wakalaryny beýan edýän «Bökdemäň meni» diýen oçerkindäki maglumatlara ýüzleneliň.
Beýik Watançylyk urşunyň başlanan gabatlary belli ýazyjymyz Gurbangurdy Gur bansähedowwelaýatgazeti bolan«Bolşewik» gazetiniň redaksiýasynyň tabşyrygyboýunça
(ýazyjy şol döwürlerde gazetiň habarçysy bolup işleýän ekeni) oňa şahyr bilen duşuşyp, onuň «Bökdemäň meni» diýen goşgusyny dilinden ýazyp alyp, gyssagly gazetde çap etdirmek tabşyrylýar. Ýazyja aýagulag üçin berlen atarabasy bilen tas bir hepdäniň dowamynda şahyry «yzarlap», dekabr aýynyň aňzak sowugynda ähli etraplary diýen ýaly aýlanýar. Haýsyetrababarsa,«ýaňyugratdyk», «irden Watan goragyna gidýän meýletinçiler bilen duşuşyp, başga etraba gitdi» diýen jo gaby alýar. Şondan soňra olar şahyry «yzarlamasyny»besedip, çakymyz çak bolsa beýleki etraplara çagyrylan şahyr Köneürgenjede çagyrylar diýen niýet bilen ara az salym wagt salyp, arabasynygöni Köneürgenje sürýärler. Olar şäheriňortasynda aýmançany dolduryp oturan märekäni görüp arabany saklasalar, şahyr şol wagt fronta gitjek meýletinçileriň öňünde goşgy okap duran ekeni. Şondan birnäçe wagtdan soň Köneürgenjiň meşhur çaýhanasynda şahyr bilen duşuşyp, goşgyny şahyryň dilinden ýazypalyp, aragatnaşyk bölümine baryp, redaksiýa iberýärler. Şonlukda, ol goşgy şol günüňertesi gazetde çapedildi» diýip, ýazyjy belleýär. Ýazyjy Gurbandurdy Gurbansähedowyň oçerkine göz gezdirip, türkmen şygryýetiniň juda ir sönen ýyldyzy Halyl Kulyýewiň:

– Eşeklije Durdy Gylyjyň yzyndan, Köpler «Wolga» münüp ýetip bilenok – diýen setirleri biygtyýar ýadyňa düşýär. Dogrudanam, halk şahyry ýaşan ömründe öz tebigy kemçiligini mertlerçe ýeňip geçip, halka, Watana hyzmat etmegiňajaýyp nusgasyny görkezdi. Köp adamlaryň ýetip bilmejek belentliklerine ýetdi. Ol özboluşly poeziýasy bilen okyjylaryň aňynda uzak ýyllaryň dowamynda ýaşar. Çünki öz halkyna yhlasbilen hyzmat eden her bir adam halkyň ýüreginde baky orun alýar. Görnükli halk şahyry, ozan şahyr Durdy Gylyjyň ömri halka, Watana hyzmat etmegiň ajaýyp nusgasydyr.

Otuzmät KAKYŞOW,
Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Görogly etrap birleşmesiniň başlygy. Edebi makalalar